| | |
|---|---|
| **DÖWLET STATISTIK HASABATLYLYGY** | **HASABAT "STATISTIKA HAKYNDA" TÜRKMENISTANYŇ KANUNYNYŇ 22-NJI MADDASYNYŇ IKINJI BÖLEGINE LAÝYKLYKDA TABŞYRYLÝAR** |

"Statistika hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 23-nji maddasynyň dördünji bölegine laýyklykda ilkinji statistik maglumatlar ýaşyryndyr we olar jemleýji statistik habarlary emele getirmek üçin peýdalanylýar

| |
|---|
| Türkmenistanyň Administratiw hukuk bozulmalary hakynda kodeksiniň 289-njy maddasyna laýyklykda döwlet statistik hasabatlaryny bermek möhletleriniň bozulmagy, hasabatlylygyň nädogry ýa-da ýoýulan maglumatlarynyň döwlet statistika edaralaryna berilmegi üçin administratiw jogapkärçilik bellenendir |

| | |
|---|---|
| **Forma №1–mi HRBNGU** **0603127**<br><br>**MINISTRLIKLERIŇ, PUDAKLAÝYN DOLANDYRYŞ EDARALARYŇ, BANKLARYŇ WE ÄTIÝAÇLANDYRYŞ GURAMALARYNYŇ IŞLERINIŇ ESASY MALIÝE GÖRKEZIJILERI BARADA HASABAT**<br><br>**20___ ý. Ýanwar–_____________ aýlary boýunça** | Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň 2023-nji ýylyň 11-nji sentýabryndaky №73-Ö buýrugy bilen tassyklanyldy<br><br>**Aýlyk**<br><br>**Tabşyrýarlar:**<br>Ministrlikler, pudaklaýyn dolandyryş edaralary, banklar, ätiýaçlandyryş guramalary hasabat döwründen soň aýyň 21-ne çenli:<br>a) Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetine;<br>b) Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligine. |

Hasabat tabşyrýan hojalyk subýektiniň ady_____________________________________________

_____________________________________________________________________

Poçta salgysy_________________________________________________________________
(poçta indeksi, ýerleşýän ýeriniň ady, köçesi, jaý №,telefon, faks, E-mail)

| HSUK boýunça kod | | | | | | | | | HSUK boýunça şahamçanyň kody | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|

0603127

## 1 BÖLÜM. GIRDEJILER WE ÇYKDAJYLAR

Kärhanalaryň (guramalaryň) sany ______ birlik
şolardan: hasabat döwründe zyýan çeken kärhanalaryň (guramalaryň) sany_______birlik

müň manat

| Görkezijileriň atlary | Setiriň № | Hasabat ýylyň býujetinde tassyklanan | Hasabat döwründe ýerine ýetirilen |
|---|---|---|---|
| A | B | 1 | 2 |
| **1.1. Girdejiler we gelen serişdeler, karz alnan serişdeleri goşmak bilen** | | | |
| Ýerlenen önümleriň (işleriň, hyzmatlaryň) möçberi, GBÜS, goşmaça tölegleri we Türkmenistanyň Hökümetiniň Daşary ýurt pulunyň ätiýaçlyk goruna geçirimleri hasaba almak bilen | **01** | | |
| şol sanda: | | | |
| ýerlemekden alnan girdejileriň GBÜS-dan boşadylan bölegi | 02 | | |
| 01 setirden: | | | |
| Türkmenistanyň Daşary ýurt pulunyň ätiýaçlyk goruna geçirimler | 03 | | |
| Türkmenistanyň "Uglewodorod serişdeleri hakyndaky" Kanunyna laýyyklykda girdejilerden 20% | 03.1 | | |
| Ýerlenen önümleriň (işleriň, hyzmatlaryň) möçberi (ýerlemekden alnan girdejiler), GBÜS, goşmaça tölegleri we Türkmenistanyň Daşary ýurt pulunyň ätiýaçlyk goruna geçirimleri hasaba almazdan | 04 | | |
| Gaýry ýerlemeleriň we ýerlemekden daşary amallaryň netijesi | 05 | | |
| Hasabat ýylynda ulanmaga alnan karz serişdeler (07–09 setirleriň jemi) | 06 | | |
| şol sanda: | | | |
| daşarky karzlar | 07 | | |
| içerki karzlar | 08 | | |
| gaýry alnan karz serişdeler | 09 | | |
| **Girdejileriň we gelen serişdeleriň jemi (01, 05, 06 setirleriň jemi)** | **10** | | |
| **Jemi serişdeler, salgytlary we tölegleri aýyrmak bilen (10 setir – 14 setir – 22 setir)** | **11** | | |
| **1.2. Çykdajylar we serişdeleriň ulanylşy, karz alnan serişdeleri goşmak bilen** | | | |
| Ýerlenen önümleriň (işleriň, hyzmatlaryň) özüne düşýän gymmaty – jemi | 12 | | |
| Satyn alnan gymmatlyklar we hyzmatlar boýunça goşulan baha üçin salgyt | 13 | | |
| Býujede geçirilýän salgytlar we tölegler (15–21 setirleriň jemi) | 14 | | |
| şol sanda: | | | |
| goşulan baha üçin salgyt | 15 | | |
| goşmaça tölegler (aksizler) | 16 | | |
| peýdadan alynýan salgyt | 17 | | |
| emläk üçin salgyt | 18 | | |
| ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt | 19 | | |
| hökmany pensiýa ätiýaçlandyrmasy boýunça pensiýa gatançlary | 20 | | |
| hökmany hünär pensiýa ätiýaçlandyrmasy boýunça pensiýa gatançlary | 20-1 | | |
| gaýry salgytlar, tölegler, ýygymlar we geçirimler | 21 | | |
| Býujetden daşary geçirimler we tölegler – hemmesi (23–25 setirleriň jemi): | 22 | | |
| şol sanda: | | | |
| Türkmenistanyň Oba hojalyk ministrliginiň maksatlaýyn ýörite hasabyna geçirilýän tölegler | 23 | | |
| Aşgabat şäher häkimliginiň maksatlaýyn ýörite hasabyna geçirilýän tölegler | 24 | | |
| gaýry geçirimler we tölegler | 25 | | |
| şolardan: | | | |
| Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komitetiniň maksatlaýyn ýörite hasabyna tölegler | 25.1 | | |
| Awtoýollaryny abatlamaga we saklamaga geçirimler | 25.2 | | |
| Peýda, ýitgi (-) | 26 | | |
| Kärhanalaryň (guramalaryň) ygtyýarynda galýan peýda (26 setir – 17 setir – 18 setir – 19 setir – 21 setir – 22 setir) | 27 | | |
| Hasabat ýylynda karz alnan serişdeleriň ulanylany | 29 | | |
| **Çykdajylaryň we ulanylan karz serişdeleriň jemi** (03 setir +12 setir+13 setir+14 setir+22 setir+27 setir+29 setir–20 setir–20-1 setir) | **30** | | |
| **Jemi çykdajylar, salgytlary, tölegleri, ýygymlary we geçirimleri aýyrmak bilen** (30setir–14 setir–22 setir) | **31** | | |

0603127

## 2 BÖLÜM. PUL SERIŞDELERI, GYSGA MÖHLETLI DEPOZITLER, BANKLARYŇ KARZLARY WE GAÝRY KARZLAR

müň manat

| Görkezijileriň atlary | Setiriň № | Ýylyň başyna | Hasabat döwrüňiň ahyryna |
|---|---|---|---|
| A | B | 1 | 2 |
| Pul serişdeleriň galyndysy we gysga möhletleýin depozitler (41 setir+42 setir) | 40 | | |
| şol sanda: | | | |
| milli pulunda – hemmesi | 41 | | |
| daşary ýurt pulunda – hemmesi (milli puluna geçirlende) | 42 | | |
| Banklaryň karzlary we nesýeleri (45 setir+46 setir) | 44 | | |
| şol sanda: | | | |
| milli pulunda – hemmesi | 45 | | |
| daşary ýurt pulunda – hemmesi (milli puluna geçirlende) | 46 | | |

## 3 BÖLÜM. 20___ ÝYLYŇ 1-NJI ________ ÝAGDAÝYNA BERGILER WE ALGYLAR

müň manat

| Görkezijileriň atlary | Setiriň № | Bergiler – hemmesi | şolardan: üpjün edijileriň we potratçylaryň hasaplaşyklary boýunça | Algylar– hemmesi | şolardan: satyn alyjylaryň we buýrujylaryň algylary |
|---|---|---|---|---|---|
| | B | 1 | 2 | 3 | 4 |
| **Jemi (48 we 51 setirleriň jemi)** | **47** | | | | |
| şol sanda: | | | | | |
| Içerki hasaplaşyklar (49 we 50 setirleriň jemi) | 48 | | | | |
| şol sanda: | | | | | |
| gysga möhletli | 49 | | | | |
| uzak möhletli | 50 | | | | |
| 48-nji setirden pudakiçi algy-bergiler | 48.1 | | X | | X |
| Daşarky hasaplaşyklar (52 we 53 setirleriň jemi) | 51 | | | | |
| şol sanda: | | | | | |
| gysga möhletli | 52 | | | | |
| uzak möhletli | 53 | | | | |

**Maglumat üçin:**

## GEÇEN ÝYLYŇ 1-NJI ________ ÝAGDAÝYNA BERGILER WE ALGYLAR

müň manat

| Görkezijileriň atlary | Setiriň № | Bergiler – hemmesi | şolardan: üpjün edijileriň we potratçylaryň hasaplaşyklary boýunça | Algylar – hemmesi | şolardan: satyn alyjylaryň we buýrujylaryň algylary |
|---|---|---|---|---|---|
| A | B | 1 | 2 | 3 | 4 |
| **Jemi (55 we 57 setirleriň jemi)** | **54** | | | | |
| şol sanda: | | | | | |
| Içerki hasaplaşyklar (55.1 we 55.2 setirleriň jemi) | 55 | | | | |
| şol sanda: | | | | | |
| gysga möhletli | 55.1 | | | | |
| uzak möhletli | 55.2 | | | | |
| 55-nji setirden pudakiçi algy-bergiler | 56 | | X | | X |
| Daşarky hasaplaşyklar (57.1 we 57.2 setirleriň jemi) | 57 | | | | |
| şol sanda: | | | | | |
| gysga möhletli | 57.1 | | | | |
| uzak möhletli | 57.2 | | | | |

0603127

## 4 BÖLÜM. HARYTLARYŇ (IŞLERIŇ, HYZMATLARYŇ) EKSPORTY

müň manat

| Görkezijileriň atlary | Setiriň № | Hasabat döwründe ýerine ýetirileni |
|---|---|---|
| A | B | 1 |
| Daşary ýurtlara satylan harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) gymmaty: | 58 | |
| şol sanda: | | |
| milli pula satylany | 59 | |
| daşary ýurt puluna satylany (milli puluna geçirlende) | 60 | |

## 5 BÖLÜM. MALIÝE-HOJALYK IŞLERINIŇ NETIJESI

müň manat

| Görkezijileriň atlary | Setiriň № | Hasabat döwründe | Geçen ýylyň digişli döwri |
|---|---|---|---|
| A | B | 1 | 2 |
| Önümi ýerlemekden, işleri ýerine ýetirmekden we hyzmatlary etmekden alnan girdejiler | 61 | | |
| Ýerlenen önümleriň we ýerine ýetirilen hyzmatlaryň özüne düşýän gymmaty | 62 | | |
| Jemi peýda (61 setir–62 setir) | 63 | | |
| Gaýry girdejiler | 64 | | |
| Täjirçilik ýerleme çykdajylary | 65 | | |
| Dolandyryş çykdajylary | 66 | | |
| Maliýe çykdajylary | 67 | | |
| Gaýry çykdajylar | 68 | | |
| Salgyt salynmazyndan öňki peýda (ýitgi) (63 setir+64 setir–65 setir–66 setir–67setir–68 setir) | 69 | | |
| Edara görnüşli tarapyň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt boýunça çykdajylar | 70 | | |
| Salgyt salynandan soňky jemi peýda (ýitgi) (69 setir-70 setir) | 71 | | |

## 6 BÖLÜM. BANK ULGAMYNYŇ KARZ GÖRKEZIJILERI

| Görkezijileriň atlary | Setiriň № | Hasabat döwründe | Geçen ýylyň digişli döwri |
|---|---|---|---|
| A | B | 1 | 2 |
| Karz goýumlaryň galyndysy, müň manat | 80 | | |
| Hasabat döwründe berlen karzlar, müň manat | 81 | | |
| Karz alan müşderileriň sany, birlik | 82 | | |
| şol sanda: | | | |
| önümçilik taslamanyň sany, birlik | 83 | | |

Kärhanalaryň (guramalaryň) sany (72 setir) ______ birlik,
şolardan: geçen ýylyň degişli döwründe zyýan bilen jemlän kärhanalaryň (guramalaryň) sany (73 setir) __birlik

***1-nji bölümiň görkezijileri Salgytlar hakynda Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň düzgünlerine, şeýle hem Salgytlar hakynda Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň II böleginde bellenen, Salgyt beýannamalarynyň we beýleri resminamalarynyň görnüşlerini ulanmak boýunça usuly görkezmelere (bu kadalaşdyryjy hukuk namalaryna girizilen üýtgetmeleri we goşmaçalary hasaba almak bilen) laýyyklykda tabşyrylýan maglumatlar görkezilýär.*

Ýolbaşçy ______________________ ______________
(F.A.A.) (goly)

Baş buhgalter ______________________ ______________
(F.A.A.) (goly)

Ýerine ýetiriji ______________ ______________________ ____________
(wezipesi) (F.A.A.) (goly)

«____» ______20__ ý.
(hasabatyň doldurylan senesi)

______________________
(habarlaşmak üçin telefon belgisi)

«____» ______20__ ý.
(hasabatyň statistika edarasyna tabşyrylan senesi, statistika edaralary tarapyndan doldurylýar)

**Türkmenistanyň Statistika
baradaky döwlet komitetiniň
2023-nji ýylyň 11-nji sentýabryndaky
№73-Ö buýrugy bilen tassyklanyldy**

**№ 1-mi "Ministrlikleriň, pudaklaýyn dolandyryş edaralaryň, banklaryň we ätiýäçlandyryş guramalarynyň işleriniň esasy maliýe görkezijileri barada hasabat" (aýlyk) döwlet statistik hasabatlylygyň formasyny doldurmak boýunça**

# GOLLANMA

1-mi (aýlyk) belgili forma ministrlikler, pudaklaýyn dolandyryş edaralaryň, banklar, ätiýaçlandyryş guramalary tarapyndan ulgam boýunça doldurylýar. Hasabatyň maglumatlary müň manatda, oturdan soň bir belgili san bilen görkezilýär. Eger-de maglumat ýok bolsa, kese çyzyk «–» goýulýar.

Ministrligiň (pudaklaýyn dolandyryş edarasynyň) üýtgedilip guralmagyndan, görkezijileriň emele getirilişiniň usulyýetiniň üýtgedilmeginden ýa-da olaryň geçen ýylyň maliýe hasabatlylygyň esasynda takyklanylmagyndan başga ýagdaýlarda, hasabat döwründe döwlet statistik hasabatlylygyň formasynda geçen ýylyň degişli döwri boýunça görkezilen maglumatlar, geçen ýylda şol bir döwür boýunça tabşyrylan formadaky maglumatlar maliýe görkezijileri bilen gabat gelmelidir. Şol bir döwürler boýunça maglumatlaryň deň gelmezliginiň ähli ýagdaýlary forma degişli düşündiriş ýazgysynda düşündirilmelidir.

Hasabat Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetine we Türkmenistanyň Maliýe we ykdasadyýet ministrligine hasabat döwründen soň aýyň 21-ne çenli tabşyrylýar.

## 1 BÖLÜM. GIRDEJILER WE ÇYKDAJYLAR

1-nji bölümiň birinji sütüninde Türkmenistanyň Döwlet býujetinde kesgitlenen we bellenen ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň esasy maliýe-ykdysady görkezijileri boýunça ýyllyk tabşyryklary görkezilýär.

1-nji bölümiň görkezijileri Salgytlar hakynda Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň düzgünlerine, şeýle hem Salgytlar hakynda Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň II böleginde bellenen, Salgyt beýannamalarynyň we beýleki resminamalarynyň görnüşlerini ulanmak boýunça usuly görkezmelere (bu kadalaşdyryjy hukuk namalaryna girizilen üýtgetmeleri we goşmaçalary hasaba almak bilen) laýyklykda tabşyrylýan maglumatlar görkezilýär.

## 2 BÖLÜM. PUL SERIŞDELERI, GYSGA MÖHLETLI DEPOZITLER, BANKLARYŇ KARZLARY WE GAÝRY KARZLAR

2-nji bölümiň 1-nji sütüninde ýylyň başyna pul serişdeleri boýunça gysga möhletli depozitler, banklaryň karzlary we gaýry karzlar, 2-nji sütünde bolsa – hasabat döwrüniň ahyryna maglumatlary görkezilýär.

40-njy setirde hasaplaşyk, ýörite hasaplarynda we bank depozitlerinde galan pul serişdeleriniň möçberleri görkezilýär (41, 42 setirleriň jemi)

– milli pulunda (41 setir);

– daşary ýurt pullary milli puluna geçirlende (42 setir).

44-nji setirde gysga we uzak möhletli banklaryň karzlary we gaýry karzlar boýunça bergileriň umumy möçberi görkezilýär (45, 46 setirleriň jemi):

– milli pulundaky banklaryň karzlary (45 setir);

– daşary ýurt pulundaky milli puluna geçirleni (46 setir).

Bu bölümiň 1-nji sütüninde ýyllyk maliýe hasabatlygynyň görkezijileri görkezilýär we ýylyň dowamynda üýtgemeýär (düzümleýin üýtgemeler bolan ministrlikler, pudaklaýyn dolandyryş edaralary goşmakdan).

44–46-njy setirlerde täjirçilik banklar Türkmenistanyň Merkezi bankdan ýa-da başga maliýe edaralaryndan alnan karzlaryň umumy möçberini (22101, 22301 we ş. m. hasaplary) görkezýärler.

## 3 BÖLÜM. 20__ ÝYLYŇ 1-NJI _______ ÝAGDAÝYNA BERGILER WE ALGYLAR

Bu bölümiň görkezijileri hasabat döwrüň ahyryna sene ýagdaýyna Türkmenistanyň içinde bolşy ýaly, onuň çäklerinden daşarda hem ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň kärhanalarynyň (guramalaryň) ýerine ýetirýän işleri netijesinde ýüze çykan bergini üzüp bilmedik ýagdaýlaryny häsýetlendirýär. Bu bölüm banklar tarapyndan doldurulmaýar.

47-nji setirde tutuş ministrlik (pudaklaýyn dolandyryş edara) boýunça algy-bergileriň jemleýji maglumatlary görkezilýär.

1-nji sütünde, pudakiçi bergileri hasaba almak bilen, 6318 we 6328 esasy toparlar boýunça bergileriň jemi möçberi görkezilýär.

2-nji sütünde, pudakiçi we möhleti geçen bergileri hasaba almazdan, üpjün edijileriň we potratçylaryň hasaplaşyklary boýunça satyn alan aktiwleri we ulanan hyzmatlary boýunça ätiýaçlyklary eltip bermegini we gaýtadan işlemegi goşmak bilen, 6318 41, 6328 41, 6318 51, 6328 51 hasaplar boýunça bergiler görkezilýär.

3-nji sütünde, pudakiçi algylary hasaba almak bilen, 6218 we 6228 esasy toparlar boýunça algylaryň jemi görkezilýär.

4-nji sütünde, pudakiçi we möhleti geçen algylary hasaba almazdan, satyn alyjylaryň we buýrujylaryň aktiwleri ýerlemekden, işleri ýerine ýetirmekden we hyzmatlary etmek bilen 6218 41, 6228 41, 6218 51, 6228 51 hasaplar boýunça görkezilýär.

48–53-nji setirleriň görkezijileri içerki we daşarky, uzak möhletli we gysga möhletli aktiwler we borçnamalar boýunça toparlara bölünýär.

1-nji we 3-nji sütüniň umumy bergilerinde-de Hökümetiň karary bilen üzlüşilmegi gaýra goýlan tölegler uzak möhletli hasaplaşyklar setirinde doly möçberinde görkezilýär. 2-nji we 4-nji sütünde tertibe laýyklykda diňe bu döwürde üzülmäge degişli bolan bergileriň möçberi görkezilmeli.

49-njy setirde üzlüşmek möhleti bir ýyldan az bolan içerki gysga möhletli bergiler görkezilýär;

50-nji setirde üzlüşmek möhleti bir ýyldan köp bolan içerki uzak möhletli bergiler görkezilýär;

48.1-nji setiriň 1-nji sütünde (6318 53 we 6318 46 hasaplar) we 3-nji sütünde (6218 46 we 6218 53 hasaplar) içerki bergileriň umumy möçberinden pudakiçi bergiler aýratynlykda görkezilýär.

52-nji setirde üzlüşmek möhleti bir ýyldan köp bolan daşarky gysga möhletli bergiler görkezilýär;

53-nji setirde üzlüşmek möhleti bir ýyldan köp bolan daşarky uzak möhletli bergiler görkezilýär.

Çärýeklik hasabatlaryna ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary boýunça algylaryň we bergileriň aýdyňlaşdyrmasy goşulmalydyr.

**Maglumat üçin bölüminde** geçen ýylyň degişli döwri boýunça bergiler we algylar görkezilýar.

## 4 BÖLÜM. HARYTLARYŇ (IŞLERIŇ, HYZMATLARYŇ) EKSPORTY

Bu bölümde hasabat ýylynda harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) eksporty barada maglumat berilýär.

58-nji setirde önümi (işler, hyzmatlary) daşary ýurtlara satmakdan alnan serişdeler görkezilýär (59, 60 setirleriň jemi).

59-njy setirde milli pulunda satylan harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) gymmaty görkezilýär.

60-njy setirde daşary ýurt pulunda milli pula geçirlende satylan harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) gymmaty görkezilýär.

## 5 BÖLÜM. MALIÝE-HOJALYK IŞLERINIŇ NETIJESI

5-nji bölümiň görkezijileri maliýe hasabatlylygynyň halkara standartlaryna (MHHS) laýyklykda ministrlikleriň, pudaklaýyn dolandyryş edaralaryň maliýe ýagdaýyny häsiýetlendirýär.

61-nji setirde önümi ýerlemekden, işleri ýerine ýetirmekden we hyzmatlary etmekden alnan girdejiler – goşulan baha üçin salgydy, aksizleri, şeýle hem yzyna gaýtarylan harytlaryň gymmatyny, satyn alyjylara satuw arzanlatmalaryny we nyrh arzanlatmalaryny aýyrmak bilen almaga degişli (alnan) girdejiniň möçberi. Ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralaryň söwda işi bilen meşgullanýan kärhanalary (guramalary) üçin bu görkeziji ýerlenen harytlaryň satyn alyş gymmatyny göz öňünde tutmak bilen görkezilýär. Şu görkeziji Türkmenistanyň Daşary ýurt pulunyň ätiýaçlyk goruna geçirmeleri almazdan görkezilýär.

62-nji setirde ýerlenen önümleriň we ýerine ýetirilen hyzmatlaryň özüne düşýän gymmaty – goýberilen taýýar önümiň (işleriň, hyzmatlaryň) hakyky özüne düşýän gymmaty görkezilýär.

63-nji setirde jemi peýda – önümleri ýerlemekden, hyzmatlary ýerine ýetirmekden alnan girdejiniň we ýerlenen önümleriň we ýerine ýetirilen hyzmatlaryň özüne düşýän gymmatynyň tapawudy görkezilýär.

64-nji setirde gaýry girdejiler – aktiwleriň çykmagyndan, yzyna gaýtarylmasyz alnan aktiwlerden, döwlet subsidiýalaryndan, gymmatynyň gaçmagyndan ýeten zyýany gaýtadan dikeltmekden, hümmetiň tapawudyndan, amal kärendesinden, biologik aktiwleriň gymmatynyň adalatly üýtgemeginden we beýlekilerden girdejiler görkezilýär.

65-nji setirde täjirçilik ýerleme çykdajylary – önümleri ýerlemek we hyzmatlary ýerine ýetirmek bilen baglanyşykly çykdajylar. Olara şular degişli: iş haky, ýerleşdiriş bölüminiň işgärlerine iş hakyndan tutumlar, emlägi ätiýaçlandyrmak boýunça çykdajylar, iş saparyna çykdajylar, amortizasiýa tutumlary we gozgalmaýan emlägiň obýektlerini saklamak boýunça çykdajylar, iberilýän nokadyna çenli ýükleri ugratmak, ýükleri düşürmek we ýüklemek işleri, harytşynaslyk hyzmatlaryna çykdajylar we beýleki şuňa meňzeş çykdajylar görkezilýär.

66-njy setirde dolandyryş çykdajylary – önümçilik prosesi bilen baglanyşykly däl dolandyryş we hojalyk çykdajylary görkezilýär.

67-nji setirde maliýe çykdajylary – sylaglar boýunça, maliýe kärendesi boýunça göterimleri tölemäge çykdajylar, maliýe gurallarynyň adalatly gymmatynyň üýtgemeginden çykdajylar we maliýeleşdirmek üçin gaýry çykdajylar görkezilýär.

68-nji setirde gaýry çykdajylar – adaty işe bagly bolmazdan ýüze çykýan gaýry önümçilik däl hyzmatlar: aktiwleriň çykmagy we gymmatynyň gaçmagy, hümmetiň tapawudy, goruň döredilmegi we ygtybarsyz talaplaryň hatardan çykmagy, amallar bilen baglanyşykly kärende boýunça çykdajylar, biologik aktiwleriň adalatly gymmatynyň üýtgemeginden çykdajylar we beýlekiler görkezilýär.

69-njy setirde salgyt salynmazyndan öňki peýda (ýitgi) jemi peýdanyň, maliýeleşdirmekden girdejiniň, gaýry girdejileriň möçberi bilen önümleri ýerlemek we hyzmatlary ýerine ýetirmek boýunça çykdajylaryň möçberiniň, maliýeleşdirmek üçin çykdajylaryň, administratiw we gaýry çykdajylaryň möçberiniň arasyndaky tapawut hökmünde kesgitlenilýär.

70-nji setirde edara görnüşli tarapyň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan gündelik we gaýra goýlan salgyt boýunça çykdajylar görkezilýär.

Gündelik salgyt boýunça çykdajy Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň düzgünlerinden ugur almak bilen emele gelýär.

Gaýra goýlan salgyt boýunça çykdajy buhgalterçilik hasaba alnyşy bilen salgyt hasaba alnyşy boýunça emele gelýän wagtlaýyn tapawutlar bilen kesgitlenýär.

71-nji setirde salgyt salynandan soňky jemi peýda (ýitgi) görkezilýär.

5-nji bölümde doldurylanda täjirçilik bankalary MHHS-nyň bank edaralarynda maliýe hasabatlylygyna laýyklykda bank hyzmatlaryny etmek boýunça jemi girdejileri we çykdajylary

kesgitlemegiň aýratynlyklaryndan gollanmaly. 61-69-njy setiriň görkezijileri №2 “Peýdalar we ýitgiler barada hasabat” formanyň esasynda düzülýär.

## 6 BÖLÜM. BANK ULGAMYNYŇ KARZ GÖRKEZIJILERI

6-njy bölümiň görkezijileri banklar tarapyndan doldurylýar. 6-njy bölümiň 1-nji sütüninde hasabat döwrüne degişli maglumatlar, 2-nji sütünde geçen ýylyň degişli döwrüniň maglumatlary görkezilýär.

80-nji setirde hasabat döwründe ýagdaýyna we geçen ýylyň degişli senesine karz edaralaryň karz goýumlarynyň galyndysynyň (karzlaryň) umumy möçberi müň manatda görkezilýär.

81-nji setirde hasabat döwründe we geçen ýylyň degişli döwründe berlen karzlaryň möçberi müň manatda görkezilýär.

82-nji setirde hasabat döwründe we geçen ýylyň degişli döwründe karz edaralardan karz alan müşderileriň sany görkezilýär.

83-nji setirde hasabat döwründe we geçen ýylyň degişli döwründe karz alan müşderileriň sanyndan önümçilik taslamanyň sany görkezilýär.

**Maliýe statistikasy we seljerişi müdirligi**